# Duşenbede Söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-täjik hökümetara toparynyň 14-nji mejlisi geçirildi

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary Taňryguly Atahallyýewiň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýeti 2026-njy ýylyň 3-4-nji marty aralygynda Duşenbede geçirilen Söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-täjik hökümetara toparynyň 14-nji mejlisine gatnaşmak üçin saparda boldy.

Mejlis 2026-njy 3-nji martynda öz işine başlap, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary Taňryguly Atahallyýewiň we Täjigistanyň Premýer-ministriniň orunbasary Sulaýmon Ziýozodanyň bilelikdäki başlyklyk etmeginde geçirildi. Mejlise iki ýurduň ministrlikleriniň we pudaklaýyn edaralarynyň wekilleri hem gatnaşdylar.

Mejlisiň barşynda iki ýurduň arasyndaky özara erk-islege daýanýan gatnaşyklaryň soňky ýyllarda hil taýdan täze mazmuna eýe bolandygy nygtaldy. Iň ýokary we hökümet derejesindäki özara saparlardyr duşuşyklaryň geçirilmegi yzygiderli häsiýete eýe boldy. Munuň özi netijeli hyzmatdaşlygy ähli ugurlar boýunça ösdürmäge ýardam edýär.

2024-nji ýylda Aşgabatda geçirilen Söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-täjik hökümetara toparynyň 13-nji mejlisinde gazanylan ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişine hem garaldy.

Taraplar iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň möhüm meselelerini, hususan-da, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ýagdaýyny we geljegini, özara söwdany ýokarlandyrmagy, ulag we aragatnaşyk, energetika we suw serişdeleri, senagat we gurluşyk, oba hojalygy, bilim we ylym, saglygy goraýyş, lukmançylyk senagaty, raýat awiasiýasy, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk, ýaşlar syýasaty we sport ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmegi, şeýle-de, hyzmatdaşlygyň şertnamalaýyn-hukuk binýadynyň has-da giňeldilmegini ara alyp maslahatlaşdylar.

2025-nji ýylda iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygyň 43,1 ABŞ-niň million dollary möçberinde bolup, 2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende 17,1% artandygy nygtaldy. Bu görkeziji iki ýurduň ykdysady hyzmatdaşlygynyň depginli ösýändigini tassyklaýar.

Mejlis däp bolan dostluk we özara düşünişmek ýagdaýynda geçdi. Taraplar söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeldiljekdigine ynam bildirdiler.

4-nji martda Söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-täjik hökümetara toparynyň 14-nji mejlisiniň netijeleri boýunça Teswirnama gol çekildi.

Все права защищены